TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ
DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER
HALK MASLAHATLARYNYŇ WE GEŇEŞLERIŇ
AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

# ETRAPDAKY ŞÄHER, ŞÄHERÇE, GEŇEŞLIK SAÝLAW TOPARLARY ÜÇIN

# GOLLANMA

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER HALK MASLAHATLARYNYŇ WE GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

# ETRAPDAKY ŞÄHER, ŞÄHERÇE, GEŇEŞLIK SAÝLAW TOPARLARY ÜÇIN

# GOLLANMA

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2023



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda saýlawlary guramaçylykly we demokratik ýörelgeler esasynda geçirmek barada beren tabşyryklaryndan ugur alyp, saýlawlaryň kanunçylyk esaslaryny doly we dogry berjaý etmek saýlaw toparlarynyň esasy wezipeleriniň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň Mejlisiniň kararyna laýyklykda, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary mart aýynyň soňky ýekşenbesinde geçirilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasy, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi esasynda Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny ýokary guramaçylykly geçirmek maksady bilen, Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar tarapyndan etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw toparlary üçin şu gollanma işlenilip taýýarlanyldy.

Gollanmanyň maksady, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw toparlarynyň wezipelerini, işlerini alyp barmagyň düzgünlerini düşündirmekden, şeýle hem saýlawlar döwründe ulanylýan resminamalaryň ulanyş tertibini beýan etmekden ybaratdyr.

Saýlawlara taýýarlyk görülýän we geçirilýän döwründe şu gollanmany goşmaça usulyýet çeşmesi hökmünde peýdalanmagy maslahat berýäris.

Etrapdaky şäher, şäherçe, geňeşlik saýlaw toparlarynyň öz öňünde durýan wezipelerini adalatly, başarnykly we Türkmenistanyň kanunçylygy esasynda ýerine ýetirmekleri saýlawlara bildirilýän ynamyň has-da ýokarlanmagyna, şeýle hem halk häkimiýetliliginiň mundan beýläk hem dabaralanmagyna ýardam eder.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda, köppartiýalylyk esasynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary raýatlaryň iň esasy syýasy hukuklarynyň biri bolmak bilen, ýurdumyzyň ösüşinde amala aşyrylýan il-ýurt bähbitli demokratik syýasy çäreleriň nobatdaky tapgyry bolar.

## 1. Umumy düzgünler

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanyň raýatlary tarapyndan gizlin ses bermek arkaly ählumumy, deň we göni saýlaw hukugynyň esasynda hem-de bäsleşik esasynda geçirilýär.

Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary bir mandatly saýlaw okruglary boýunça geçirilýär.

Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary ählumumy saýlawlardyr. Saýlawlar gününe çenli on sekiz ýaşy dolan Türkmenistanyň raýatlarynyň saýlamaga hukugy bardyr.

Türkmenistanyň raýatlarynyň haýsy millete degişlidigine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ygtykadyna, haýsy partiýa degişlidigine ýa-da hiç partiýa degişli däldigine garamazdan, olaryň saýlaw hukugyny göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirmek gadagan edilýär.

Saýlawlara kazyýet tarapyndan kämillik ukyby ýok diýlip ykrar edilen raýatlar, azatlykdan mahrum ediliş ýerlerinde jeza çekýän adamlar gatnaşmaýarlar. Beýleki halatlarda raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň çäklendirilmegine ýol berilmeýär we Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen jogapkärçilige eltýär.

Ähli saýlawçylar saýlawlara deň esaslarda gatnaşmaga hukuklydyr, her saýlawçynyň bir sesi bardyr.

Saýlawlarda ses bermek gizlindir, saýlawçylaryň öz erkini beýan edişine gözegçilik etmäge ýol berilmeýär.

Saýlawlar göni saýlawlardyr, Geňeşleriň agzalary raýatlar tarapyndan gös-göni saýlanylýar.

## 2. Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek boýunça saýlaw toparlarynyň ulgamy

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 17-nji maddasyna laýyklykda, Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmegi şu aşakdaky saýlaw toparlary guraýarlar:

– Türkmenistanda Saýlawlary we sala salşyklary geçirmek boýunça merkezi topar (mundan beýläk – Merkezi saýlaw topary);

– welaýat saýlaw toparlary;

– etrap, etrap hukukly şäher saýlaw toparlary (mundan beýläk – etrap, şäher saýlaw topary);

– etraplardaky şäherleriň, şäherçeleriň we geňeşlikleriň saýlaw toparlary (mundan beýläk – geňeşlik saýlaw topary);
– uçastok saýlaw toparlary.
Bu saýlaw toparlarynyň ygtyýarlyk möhleti bäş ýyldyr.

## 3. Geňeşlik saýlaw toparynyň ygtyýarlyklary

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 36-njy maddasyna laýyklykda, geňeşligiň saýlaw topary:
– öz degişli çäginde Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär, saýlawlara taýýarlyk görülmegini we onuň guramaçylykly geçirilmegini üpjün edýär;
– Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça saýlaw okruglaryny döredýär;
– uçastok saýlaw toparlarynyň işini utgaşdyrýar;
– uçastok saýlaw toparlarynyň jaýlar, ulag, aragatnaşyk serişdeleri bilen üpjün edilmegine ýardam berýär, saýlawlaryň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligine degişli beýleki meselelere seredýär;
– uçastok saýlaw toparlarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, edaralaryň, guramalaryň we kärhanalaryň ýolbaşçylarynyň saýlawlara taýýarlyk görmek we olary geçirmek meseleleri bilen baglanyşykly habarlaryny diňleýär;
– saýlawçylaryň sanawlarynyň düzülişine we olaryň ilatyň dykgatyna ýetirilişine gözegçilik edýär;
– Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri bellige alýar, olara degişli şahsyýetnamalary gowşurýar, bellige alnan dalaşgärler hakynda habary ilatyň dykgatyna ýetirýär, Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleriň terjimehalyna degişli maglumatlar bilen saýlawçylaryň tanşyp bilmeklerini üpjün edýär;
– dalaşgärleriň saýlawlar möwsümine deň şertlerde gatnaşyp bilmeklerini üpjün edýär;
– Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleriň ynanylan adamlaryny bellige alýar we olara degişli şahsyýetnamalary gowşurýar;
– syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleriň saýlawçylar bilen duşuşyklaryny guraýar;
– Geňeş agzalarynyň saýlawlarynda her saýlaw okrugy boýunça saýlaw býulleteniniň ýazgysyny tassyklaýar, saýlaw býulletenleriniň, saýlaw resminamalarynyň blanklarynyň taýýarlanylmagyny we şolar bilen uçastok saýlaw toparlarynyň üpjün edilmegini guraýar;
– Geňeş agzalarynyň saýlawlarynda her saýlaw okrugy boýunça saýlawlaryň netijesini takyklaýar;
– geňeşlik boýunça saýlawlaryň jemini jemleýär, saýlawlaryň jemini we Geňeş agzalygyna saýlanylanlaryň sanawyny ilatyň dykgatyna ýetirýär;
– saýlanylan Geňeş agzalaryna degişli şahsyýetnamany gowşurýar;

– Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça gaýtadan ses bermegi geçirmek hakynda karar kabul edýär we onuň geçirilmegini guraýar;
– Geňeş agzalarynyň saýlawlarynda gaýtadan saýlawlary geçirmek hakynda karar kabul edýär we onuň geçirilmegini guraýar;
– Geňeşiň çykyp giden agzasynyň ýerine saýlawlaryň geçirilmegini guraýar;
– uçastok saýlaw toparlarynyň kararlary we hereketleri baradaky arzalara hem-de şikaýatlara seredýär;
– saýlaw resminamalarynyň bellenilen tertipde saklanylmagyny üpjün edýär;
–Türkmenistanyň Saýlaw kodeksinde bellenilen beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

## Geňeşlik saýlaw toparynyň başlygynyň ygtyýarlyklary

Geňeşlik saýlaw toparynyň başlygy:
– saýlaw toparynyň işine ýolbaşçylyk edýär we onuň üstüne ýüklenilen wezipeleriň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;
– saýlawlara taýýarlyk görmek we ony geçirmek boýunça bölünip berilýän maddy gymmatlyklara ygtyýar edýär;
– saýlaw toparynyň enjamlar, resminamalar, kanselýar harytlary bilen üpjün edilmegini guraýar;
– saýlaw toparynyň mejlislerini çagyrýar we oňa başlyklyk edýär;
– saýlaw toparynyň kararlaryna we onuň mejlisleriniň teswirnamalaryna gol çekýär;
– saýlaw toparynyň başlygynyň orunbasaryna, toparyň kätibine we agzalaryna degişli tabşyryklary berýär;
– saýlaw resminamalarynyň goraglylygyny üpjün edýär;
– degişli saýlaw toparlaryndan, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, edaralaryň, guramalaryň we kärhanalaryň ýolbaşçylaryndan saýlawlara taýýarlyk görmek we olary geçirmek meseleleri bilen baglanyşykly zerur bolan maglumatlary alýar;
– saýlaw toparynyň kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;
– Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

## Geňeşlik saýlaw toparynyň başlygynyň orunbasarynyň ygtyýarlyklary

Geňeşlik saýlaw toparynyň başlygynyň orunbasary:
– geňeşlik saýlaw toparynyň işini guramak bilen baglanyşykly işleri utgaşdyrýar;
– saýlaw toparynyň başlygy ýok mahalynda ýa-da ol öz borçlaryny ýerine ýetirip bilmedik mahalynda, şeýle-de başlygyň tabşyrmagy boýunça onuň wezipesini ýerine ýetirýär;
– saýlaw toparynyň başlygynyň tabşyryklaryny ýerine ýetirýär;
– Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda, beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

## Geňeşlik saýlaw toparynyň kätibiniň ygtyýarlyklary

Geňeşlik saýlaw toparynyň kätibi:

– saýlaw toparynyň mejlislerini geçirmek boýunça resminamalaryň taýýarlanylmagyny guraýar;

– saýlaw toparynyň mejlisiniň geçirilýändigi hakynda saýlaw toparynyň agzalaryny we beýleki degişli adamlary habarly edýär;

– saýlaw toparynyň işiniň meýilnamalaryny düzmegi guraýar, olaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär;

saýlaw toparynyň kararlarynyň taslamasynyň taýýarlanylmagyny we resmileşdirilmegini üpjün edýär;

– saýlaw toparynyň mejlisleriniň teswirnamalaryna we kararlaryna gol çekýär;

– saýlaw toparynyň iş dolandyrylyşyny guraýar, giriş we çykyş hatlaryny bellige alýar;

– saýlaw toparynyň başlygynyň we başlygynyň orunbasarynyň tabşyryklaryny ýerine ýetirýär;

– saýlaw toparynda borçlaryň paýlanylyşyna laýyklykda, beýleki ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

## Geňeşlik saýlaw toparynyň agzasynyň hukuklary we borçlary

Geňeşlik saýlaw toparynyň agzasynyň:

– saýlaw toparynyň mejlisinde çykyş etmäge we toparyň ygtyýarlyklaryna degişli meseleler boýunça teklipler girizmäge;

– geňeşlik saýlaw toparynyň, uçastok saýlaw toparlarynyň saýlawlara degişli resminamalary we maglumatlary bilen tanyşmaga;

– saýlaw toparynyň degişli meseleler boýunça kararlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge;

– saýlaw toparynyň kararlaryna laýyklykda, gaýry ygtyýarlyklary amala aşyrmaga hukugy bardyr.

Geňeşlik saýlaw toparynyň agzasy:

– geňeşlik saýlaw toparynyň kararlaryna laýyklykda, saýlaw toparynyň seretmegine girizilýän meseleleriň taýýarlanylmagyna gatnaşmaga;

– saýlaw toparynyň mejlislerine gatnaşmaga;

– saýlaw toparynyň, onuň başlygynyň, başlygyň orunbasarynyň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde beren tabşyryklaryny ýerine ýetirmäge;

– Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, saýlaw toparynyň kararlarynda bellenilen beýleki wezipeleri ýerine ýetirmäge borçludyr.

## 4. Geňeşlik saýlaw toparynyň işini guramak

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 19-njy maddasyna laýyklykda, saýlaw toparynyň başlygy, başlygynyň orunbasary we kätibi toparyň birinji mejlisinde saýlanylýar, bu baradaky habar ilatyň dykgatyna ýetirilýär. Saýlaw toparynyň birinji mejlisini toparyň iň ýaşuly agzasy açýar we toparyň başlygy saýlanylýança mejlisi alyp barýar.

Saýlaw toparynyň mejlisine toparyň düzüminiň azyndan üçden iki bölegi gatnaşýan bolsa, ol ygtyýarlydyr. Toparyň karary açyk ses bermek arkaly toparyň düzüminiň sesleriniň köplügi bilen kabul edilýär. Toparyň karary bilen ylalaşmaýan agzalaryň aýratyn pikirini aýtmaga haky bardyr, ol ýazmaça görnüşde teswirnamanyň ýanyna goşulýar. Saýlaw toparynyň agzasynyň aýratyn pikirine ýokarda durýan saýlaw topary tarapyndan seredilýär.

Saýlaw toparynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäginde kabul eden kararlary döwlet häkimiýet edaralarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik birleşikleriniň, edaralaryň, guramalaryň, kärhanalaryň ýerine ýetirmekleri üçin hökmanydyr.

Ýokarda durýan saýlaw toparynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde kabul eden kararlary aşakda durýan saýlaw toparlarynyň ýerine ýetirmegi üçin hökmanydyr. Saýlaw toparlarynyň öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinden çykyp kabul eden kararlary ýokarda durýan saýlaw topary ýa-da kazyýet tarapyndan ýatyrylyp bilner.

Geňeşlik saýlaw toparynyň karary boýunça onuň agzalarynyň biri saýlawlara taýýarlyk görülýän we geçirilýän döwründe, Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, esasy iş ýerinde önümçilik ýa-da gulluk wezipelerini ýerine ýetirmekden iki aýa çenli möhlet bilen boşadylyp bilner.

Geňeşlik saýlaw toparynyň öz bir agzasyny esasy iş ýerinden wagtlaýyn boşatmak hakyndaky kararynda ***(1-nji nusga)*** agzanyň saýlaw toparynda işlemek üçin boşadylýan möhletiniň başlanýan we tamamlanýan wagty anyk görkezilmelidir. Kararyň nusgasy agzanyň işleýän edarasynyň ýolbaşçysyna iberilýär.

Edaranyň ýolbaşçysy saýlaw toparynyň agzasy bolup durýan işgärini kararda bellenilen möhletlerde esasy iş ýerinde önümçilik ýa-da gulluk wezipelerini ýerine ýetirmekden wagtlaýyn boşadýar we degişli buýrugy çykarýar. Buýrugyň nusgasy geňeşlik saýlaw toparyna iberilýär.

Saýlaw toparynyň düzümine girýänleriň islendigi toparyň düzüminden onuň özüniň arzasy ýa-da saýlaw toparyndaky ygtyýarlyklarynyň ýatyrylmagy, şeýle hem Saýlaw kodeksiniň 48-nji we 52-nji maddalarynda görkezilen ýagdaýlaryň ýüze çykmagy bilen boşadylýar. Saýlaw toparynyň düzümine girýän adamyň ygtyýarlyklaryny ýatyrmak saýlaw toparyny döreden topar tarapyndan amala aşyrylýar.

Saýlaw kodeksiniň düzgünleriniň bozulmagy ýa-da üstüne ýüklenen wezipelerini yzygiderli ýerine ýetirmezligi saýlaw toparynyň agzasynyň ygtyýarlyklaryny ýatyrmak üçin esas bolup durýar. Ygtyýarlyklary ýatyrmak baradaky karar hakda kazyýete şikaýat edilip bilner.

Saýlaw toparynyň täze başlygy, başlygynyň orunbasary ýa-da kätibi toparyň mejlisinde saýlanylýar. Saýlaw toparynyň düzümine täze wekil hödürlemek Saýlaw kodeksinde bellenilen tertipde geçirilýär.

## 5. Geňeşlik saýlaw toparynyň iş şertleriniň üpjün edilmegi

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 20-nji maddasyna laýyklykda, döwlet häkimiýet edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri, edaralar, guramalar, kärhanalar we wezipeli adamlar saýlaw toparlarynyň öz ygtyýarlyklaryny amala aşyrmagyna ýardam etmäge, Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde olaryň işi üçin zerur bolan jaýlary, enjamlary, ulagy we saýlawlar bilen baglanyşykly maglumatlary muzdsuz bermäge, saýlaw toparlarynyň öňde goýan meselelerine seretmäge we oňa üç günden gijä goýman jogap bermäge borçludyrlar.

*1-nji nusga*

**_______ welaýatynyň _______ etrabynyň**
**_______ geňeşlik saýlaw toparynyň**

**KARARY**

«___» _____________ 20__ ý. № ___

**_______ geňeşlik saýlaw toparynyň bir agzasyny esasy iş ýerinde önümçilik (ýa-da gulluk) wezipesini ýerine ýetirmekden wagtlaýyn boşatmak hakynda**

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 19-njy maddasyna laýyklykda we 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny guramaçylykly geçirmek maksady bilen, geňeşlik saýlaw topary **karar edýär:**

1. Geňeşlik saýlaw toparynyň agzasy, _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň iňlis dili mugallymy Ataýew Ata Ataýewiçi 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) ýanwaryndan 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) marty aralygynda iki aý möhlet bilen esasy iş ýerinde önümçilik (ýa-da gulluk) wezipesini ýerine ýetirmekden wagtlaýyn boşatmaly.

2. _______ etrap bilim bölümi şu kararyň ýerine ýetirilmegini üpjün etmeli.

**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparynyň başlygy** ___________ ___________________________
(goly) (ady, familiýasy)

M.Ý.

**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparynyň kätibi** ___________ ___________________________
(goly) (ady, familiýasy)

## 6. Saýlaw okruglaryny döretmek

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 38-nji maddasyna laýyklykda, Geňeş agzalarynyň saýlawlarynda degişli çäkde saýlawçylaryň sany, takmynan, deň bolan 5–15 saýlaw okrugy döredilýär.

Şunda 1000-e çenli saýlawçy bolan çäkde 5–6, 1001-den 2000-e çenli saýlawçy bolan çäkde 7–8, 2001-den 4000-e çenli saýlawçy bolan çäkde 9–11, 4000-den köp saýlawçy bolan çäkde bolsa 12–15 saýlaw okrugy döredilýär.

Geňeş agzalarynyň saýlawlarynda, köplenç halatlarda, saýlaw okruglarynyň araçägi saýlaw uçastogynyň araçäginden kiçi bolýar, ýagny saýlaw uçastogynyň çäginde birnäçe sany saýlaw okruglary ýerleşýär. Ýöne has köp ilatly ýerlerde, bir saýlaw okrugynyň çäginde birnäçe saýlaw uçastogy ýerleşýär. Eger-de saýlaw uçastogynyň

çäginde birden köp saýlaw okrugy ýerleşýän bolsa, onda saýlawçylaryň sanawy her bir saýlaw okrugy boýunça aýratynlykda düzülýär.

Şunda her bir saýlaw okrugynyň saýlawçylarynyň sany Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça okruglara düşýän saýlawçylaryň ortaça sanynyň on göteriminden, uzak we barmasy kyn ýerlerde bolsa on bäş göteriminden geçmeli däldir.

Saýlaw okruglary geňeşlik saýlaw toparlary tarapyndan saýlawlara çenli azyndan ýetmiş gün galanda döredilýär.

Geňeşlik saýlaw topary özüniň mejlisinde «Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça saýlaw okruglaryny döretmek hakynda» karar ***(2-nji nusga)*** kabul edýär.

Geňeşlik saýlaw toparynyň kararyna Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça döredilen saýlaw okruglarynyň sanawy ***(3-nji nusga)*** goşulyp, degişli etrap, şäher saýlaw toparyna iberilýär.

Saýlaw okruglarynyň sanawynda okruglaryň belgisi, araçäkleri, takmynan, saýlawçy sany görkezilýär.

Geňeşlik saýlaw topary Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça döredilen saýlaw okruglarynyň jemi sany hakynda degişli etrap, şäher saýlaw toparyna habar ***(4-nji nusga)*** berýär.

Saýlaw okruglarynyň belgileri we araçäkleri görkezilen sanaw ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

*2-nji nusga*

**_______ welaýatynyň _______ etrabynyň**
**_______ geňeşlik saýlaw toparynyň**

**KARARY**

«____» _____________ 20__ ý.                                                    № ___

**Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça**
**saýlaw okruglaryny döretmek hakynda**

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 36-njy, 38-nji maddalaryna laýyklykda, 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny guramaçylykly geçirmek maksady bilen, _______ etrabynyň _______ geňeşlik saýlaw topary **karar edýär:**

1. _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň çäginde 15 sany saýlaw okruglaryny döretmeli (okruglaryň sanawy goşulýar).

2. Saýlaw okruglarynyň araçäkleri görkezilen sanawy saýlawçylaryň dykgatyna ýetirmeli.

**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparynyň başlygy** ___________ ____________________________
(goly) (ady, familiýasy)

M.Ý.

**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparynyň kätibi** ___________ ____________________________
(goly) (ady, familiýasy)

*3-nji nusga*

**20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça _______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň çäginde döredilen saýlaw okruglarynyň**

**SANAWY**

| Saýlaw okruglarynyň belgisi | Saýlaw okruglarynyň araçäkleri | Saýlawçylaryň, takmynan, sany |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |

**_______ geňeşlik saýlaw toparynyň başlygy** ___________ ______________________________

(goly) (ady, familiýasy)

M.Ý.

**_______ geňeşlik saýlaw toparynyň kätibi** ___________ ______________________________

(goly) (ady, familiýasy)

**_______ welaýatynyň _______ etrap**
**saýlaw toparyna**

**20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça _______ geňeşliginiň çäginde döredilen saýlaw okruglarynyň sany hakynda**

**HABAR**

_______ geňeşligi boýunça 6-njy nusga laýyklykda habar berýäris.

Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça jemi 15 saýlaw okrugy döredildi (sanaw goşulýar).

**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparynyň başlygy** ___________ ____________________________
(goly) (ady, familiýasy)

M.Ý.

**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparynyň kätibi** ___________ ____________________________
(goly) (ady, familiýasy)

## 7. Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 44-nji maddasyna laýyklykda, Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek hukugy saýlawlaryň bellenen gününe çenli bellige alnan syýasy partiýalara, şeýle hem raýatlaryň toparlaryna degişlidir.

Saýlawlar gününe çenli ýigrimi bir ýaşy dolan we degişli çäkde ýaşaýan Türkmenistanyň raýaty Geňeşiň agzalygyna dalaşgär hödürlenilip bilner.

Hödürlenilen wagtyna çenli iş kesilenlik aýyby öz-özünden aýrylmadyk ýa-da kanunda bellenilen tertipde aýrylmadyk adam dalaşgär hödürlenilip bilinmez.

Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek saýlawlara altmyş gün galanda başlanyp, otuz gün galanda tamamlanýar.

Dalaşgär hödürlemek boýunça geçiriljek mejlisler, ýygnaklar barada öňünden degişli geňeşlik saýlaw toparlaryna habar ***(5-nji nusga)*** berilmelidir.

Dalaşgär hödürlenilýän adamyň wezipesi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, Geňeşiň agzasynyň mandaty bilen bir ýere sygyşmasa, ol öz-özüni aýyrýandygy hakynda ýa-da saýlanylan halatynda eýeleýän wezipesinden boşamaga niýetiniň bardygy hakynda degişli geňeşlik saýlaw toparyna ýazmaça habar ***(6-njy nusga)*** berýär.

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 45-nji, 47-nji maddalaryna laýyklykda, Geňeşiň

agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek syýasy partiýalaryň etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde, ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda we raýatlar toparynyň ýygnaklarynda amala aşyrylýar.

Syýasy partiýalaryň dalaşgärleri hödürlemek barada bilelikdäki mejlisleri, ýygnaklary geçirmäge hukuklary bardyr.

Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek boýunça raýatlaryň toparynyň ýygnagyna degişli saýlaw okrugynyň çäginde ýaşaýan saýlawçylaryň azyndan ellisi gatnaşsa, ol ygtyýarly hasap edilýär.

Her bir saýlawçy raýatlar toparynyň diňe bir ýygnagyna gatnaşyp biler, bu düzgün şol bir derejedäki wekilçilikli edara agzalyga dalaşgär hödürlemek boýunça geçirilýän ýygnaklara degişlidir.

Ýygnaga gatnaşýanlar bellige alynmaga degişlidir, bellige alyş sanawynda her bir saýlawçynyň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan senesi, ýaşaýan ýeri görkezilýär. Her bir saýlawçy bellige alyş sanawynda gol çekýär.

Ýygnaklarda dalaşgärlige hödürlenilýänleriň çäklendirilmedik sany ara alnyp maslahatlaşylyp bilner. Ýygnaga gatnaşýan her bir adam dalaşgärlige hödürlenilýänler hakynda teklip girizmäge, olaryň ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşmaga, olary oňlamaga ýa-da ret etmäge, hut özüni hem dalaşgärlige hödürlemek üçin ara alnyp maslahatlaşylmagy barada teklip etmäge hukuklydyr.

Syýasy partiýalaryň etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde we ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda Geňeşiň agzalygyna birnäçe dalaşgär, ýöne her bir saýlaw okrugyna diňe bir dalaşgär hödürlenilip bilner.

Dalaşgär hödürlemek boýunça raýatlaryň toparynyň her bir ýygnagynda Geňeşiň agzalygyna diňe bir dalaşgär hödürlenip bilner.

Syýasy partiýanyň degişli guramasynyň mejlisine, ýygnagyna gatnaşýanlaryň ýarysyndan köpüsi ýa-da raýatlaryň toparynyň ýygnagyna gatnaşýanlaryň ýarysyndan köpüsi Geňeşiň agzalygyna dalaşgärlige hödürlenilýäniň tarapyna ses berse, onda şol dalaşgär hödürlenilen diýlip hasap edilýär.

Dalaşgäri hödürlemek hakyndaky karar açyk ýa-da gizlin ses bermek arkaly kabul edilýär. Ses bermegiň görnüşi we mejlisiň, ýygnagyň alnyp barlyşynyň beýleki meseleleri mejlise, ýygnaga gatnaşýanlar tarapyndan kesgitlenilýär.

Ses bermegiň tertibini Merkezi saýlaw topary kesgitleýär.

Syýasy partiýalaryň etrap, şäher guramalarynyň mejlislerinde we ilkinji guramalarynyň ýygnaklarynda Geňeş agzalygyna dalaşgär hödürlenendigi hakynda teswirnama ***(7-nji nusga)*** düzülýär.

Raýatlar toparynyň ýygnaklarynda Geňeş agzalygyna dalaşgär hödürlenendigi hakynda teswirnama ***(8-nji nusga)*** düzülýär.

Syýasy partiýanyň degişli guramasynyň mejlisiniň, ýygnagynyň teswirnamasy, raýatlar toparynyň ýygnagynyň teswirnamasynyň ýanyna bolsa ýygnaga gatnaşanlaryň sanawyny ***(9-njy nusga)*** goşup, iki günüň dowamynda, ýöne dalaşgär hödürlemek möhletiniň gutarýan gününiň yzyndan gelýän iş gününden gijä galynman, degişli geňeşlik saýlaw toparyna gowşurylýar.

Dalaşgär hödürlenendigi hakyndaky karar barada dalaşgäre hem şol möhletiň içinde habar berilýär.

*5-nji nusga*

**_______ welaýatynyň _______**
**etrabynyň _______**
**geňeşlik saýlaw toparyna**

## HABARNAMA

20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça _______ geňeşliginiň 1-nji, 2-nji, 5-nji saýlaw okruglaryna dalaşgär hödürlemek hakynda Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň ilkinji partiýa guramasy tarapyndan 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) ___________ynda sagat __:__-da _______ etrabynyň _______ geňeşligindäki medeniýet öýünde ýygnak geçirilýändigini habar berýäris.

«____» _____________ 20__ ý.

**Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň ilkinji partiýa guramasynyň başlygy** ____________ ______________________________
(goly) (ady, familiýasy)

*6-njy nusga*

**_______ welaýatynyň _______**
**etrabynyň _______ geňeşlik**
**saýlaw toparyna**

**Geňeş agzalygyna dalaşgärlige**
**hödürlenilen, 18.02.1963-nji ýylda**
**doglan, _______ welaýatynyň _______**
**etrabynyň _______ geňeşliginiň**
**_______ obasynyň _______ köçesiniň**
**__-nji(y) jaýynda ýaşaýan, ________**
**___________________ wezipesinde**
**işleýän Mätjanow Maksat Ilgeldiýewiç**
**tarapyndan**

## HABAR

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 44-nji maddasyna laýyklykda, men ____________________________________________ wezipesinde işleýändigim sebäpli, 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda Geňeş agzalygyna saýlanylan halatymda, öz eýeleýän wezipämden boşamaga niýetimiň bardygy hakynda habar berýärin.

_________________
(goly)

«____» _____________ 20__ ý.

*7-nji nusga*

**Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň ilkinji partiýa guramasynyň Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça dalaşgär hödürlemek hakynda geçiren ýygnagynyň**

**TESWIRNAMASY**

«____» ____________ 20__ ý. _______ geňeşligi

**Gatnaşdylar:**

Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň ilkinji partiýa guramasynyň agzalary.

Jemi 27 adam.

## GÜN TERTIBI:

20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça _______ geňeşliginiň 1-nji, 2-nji we 5-nji saýlaw okruglaryna dalaşgär hödürlemek.

**Diňlenildi:** Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň ilkinji partiýa guramasynyň başlygy Berdiýew Berdi Berdiýewiç, ol öz çykyşynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiziň alyp barýan milli demokratik syýasaty netijesinde, ýurdumyzda syýasy çäreleriň örän guramaçylykly geçirilýändigini aýratyn belledi. Soňra B.Berdiýew 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň geçirilýändigini we bu möhüm syýasy çäräniň ýurdumyzyň ösüşinde uly ähmiýete eýe boljakdygyny aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 44-nji, 45-nji maddalaryna laýyklykda, syýasy partiýalaryň etrap, şäher we ilkinji guramalarynyň Geňeşleriň agzalygyna dalaşgär hödürlemäge hukugynyň bardygyny nygtady. Şol sebäpli, Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň ilkinji partiýa guramasy tarapyndan _______ geňeşliginiň Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça 1-nji saýlaw okrugyna Ataýew Ata Ataýewiçi, 2-nji saýlaw okrugyna Öwezow Öwez Öwezowiçi, 5-nji saýlaw okrugyna Serdarow Serdar Serdarowiçi dalaşgärlige hödürlemek barada teklibiň bardygyny mälim etdi we bu mesele boýunça çykyş etmek üçin ýygnaga gatnaşyjylara söz berdi.

**Çykyp geplediler:** Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň ilkinji partiýa guramasynyň agzasy Orazow Oraz Orazowiç. Ol öz çykyşynda _______ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň matematika mugallymy A.Ataýewiň, başlangyç synp

mugallymy Ö.Öwezowyň we türkmen dili we edebiýaty mugallymy S.Serdarowyň hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatyna doly we dogry düşünýändiklerini, guramaçy işgärlerdigini, il arasynda uly abraýa, ynama eýediklerini, Geňeş agzalygyna dalaşgärlige hödürlenilmäge mynasypdyklaryny hem-de olary goldaýandygyny aýtdy. Şeýle-de, ýygnagyň gün tertibiniň meselesi boýunça şol mekdebiň taryh mugallymy Gurbanow Gurban Gurbanowiç çykyş edip, A.Ataýewiň, Ö.Öwezowyň we S.Serdarowyň ýaşaýjylaryň arasynda abraý-hormata eýediklerini, hormatly Prezidentimiziň raýatlaryň ýaşaýyş-durmuşyny has-da gowulandyrmak bilen bagly başlangyçlaryny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýandyklaryny, geljekde hem bu il-ýurt bähbitli çärelere işjeň gatnaşjakdyklaryna uly ynam bildirýändiklerini hem-de dalaşgärlige hödürlemekligi makullaýandyklaryny we biragyzdan goldaýandygyny aýtdy.

Gün tertibiniň meselesi boýunça Türkmenistanyň Demokratik partiýasynyň _____ welaýatynyň _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň ilkinji partiýa guramasynyň _______ geňeşliginiň Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça 1-nji, 2-nji, 5-nji saýlaw okruglaryna dalaşgär hödürlemek hakyndaky geçiren ýygnagy **karar etdi:**

## KARAR:

20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek _______ geňeşliginiň Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça:

1. _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň matematika mugallymy Ataýew Ata Ataýewiçi 1-nji saýlaw okrugyna;

2. _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň başlangyç synp mugallymy Öwezow Öwez Öwezowiçi 2-nji saýlaw okrugyna;

3. _______ etrabynyň 1-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy Serdarow Serdar Serdarowiçi 5-nji saýlaw okrugyna dalaşgärlige hödürlemeli.

**Başlyk** _____________ (goly) ____________________________ (ady, familiýasy)

M.Ý.

**Kätip** _____________ (goly) ____________________________ (ady, familiýasy)

**_______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň raýatlar toparynyň dalaşgär hödürlemek hakynda geçiren ýygnagynyň**

## TESWIRNAMASY

«____» ____________ 20__ ý. _______ geňeşligi

**Gatnaşdylar:**

_______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugynyň saýlawçylary.

Jemi 55 adam.

## GÜN TERTIBI:

20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna dalaşgär hödürlemek.

**Diňlenildi:** Raýatlar toparynyň ýolbaşçysy, _______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň ýaşaýjysy Kadyrow Kadyr. Ol öz çykyşynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde hormatly Prezidentimiziň tabşyryklaryndan ugur alnyp, milli demokratik syýasatymyz esasynda Türkmenistanyň raýatlarynyň iň möhüm syýasy hukuklarynyň birini – saýlamaga we saýlanmaga bolan hukugyny kepillendirýän milli hukuk kadalarynyň berjaý edilýändigini, ýurdumyzda syýasy çäreleriň örän guramaçylykly geçirilýändigini aýratyn belledi. Soňra K.Kadyrow 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň geçirilýändigini we bu möhüm syýasy çäräniň ýurdumyzyň ösüşinde uly ähmiýete eýe boljakdygyny, halk häkimiýetlilik ýörelgeleriniň has-da dabaralanjakdygyny aýtdy.

Soňra ol Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 44-nji, 47-nji maddalaryna laýyklykda, degişli saýlaw okrugynyň çägindäki saýlaw hukukly saýlawçylaryň azyndan ellisiniň gatnaşmagynda raýatlar toparlarynyň ýygnaklarynda Geňeşleriň agzalygyna dalaşgär hödürlemäge hukugynyň bardygyny nygtady. Şol sebäpli, _______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň raýatlar topary tarapyndan _______ etrabynyň 21-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy Jepbar Jepbarowy Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça _______ geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna dalaşgärlige hödürlemekligi teklip etdi we bu mesele boýunça çykyş etmek üçin ýygnaga gatnaşyjylara söz berildi.

**Çykyp geplediler:** _______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugynyň ýaşaýjysy Kerimow Kerim. Ol öz çykyşynda ______ etrabynyň 21-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy J.Jepbarowyň hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatyna doly we dogry düşünýändigini, gura-

maçy işgärdigini, saýlawçylaryň, raýatlaryň arasynda uly hormata eýedigini, Geňeş agzalygyna dalaşgärlige mynasypdygyny hem-de ony dalaşgärlige hödürlemekligi goldaýandygyny aýtdy. Şeýle-de, ýygnagyň gün tertibiniň meselesi boýunça _______ geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugynyň ýaşaýjylary Sähedow Sähet Sähedowiç, Meläýew Mele, Saryýewa Sarygyz Saryýewna dagylar çykyş edip, J.Jepbarowyň ýaşaýjylaryň arasynda at-abraýa eýedigini, hormatly Prezidentimiziň raýatlaryň ýaşaýyş-durmuşyny, bilim almak şertlerini gowulandyrmak bilen bagly başlangyçlaryny durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşýandygyny, geljekde hem bu il-ýurt bähbitli çärelere işjeň gatnaşjakdygyna ynam bildirýändiklerini we dalaşgärlige hödürlemekligi makullaýandyklaryny we biragyzdan goldaýandyklaryny aýtdylar.

Şeýlelikde, gün tertibiniň meselesi boýunça _______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň raýatlar toparynyň _______ geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna dalaşgär hödürlemek hakyndaky geçiren ýygnagy **karar etdi:**

## KARAR:

1. 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça _______ etrabynyň 21-nji orta mekdebiniň türkmen dili we edebiýaty mugallymy Jepbar Jepbarowy _______ geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna dalaşgärlige hödürlemeli.

**Başlyk** _____________ ____________________________
(goly) (ady, familiýasy)

**Kätip** _____________ ____________________________
(goly) (ady, familiýasy)

*9-njy nusga*

**_______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň raýatlar toparynyň _______ geňeşliginiň 8-nji saýlaw okrugyna dalaşgär hödürlemek hakynda geçiren ýygnagyna gatnaşan saýlawçylaryň bellige alyş**

## SANAWY

| T/b | Familiýasy, ady, atasynyň ady | Doglan senesi | Ýaşaýan ýeri | Goly |
|---|---|---|---|---|
| **1** | **2** | **3** | **4** | **5** |
| 1. | Amanow Aman | 1976 | _______ obasynyň _______ köçesiniň __-nji(y) jaýy | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

**Kätip** _____________ (goly) ____________________________ (ady, familiýasy)

## 8. Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri bellige almak

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 48-nji maddasyna laýyklykda, Geňeş agzalygyna hödürlenilen dalaşgärler degişli geňeşlik saýlaw topary tarapyndan bellige alynýar.

Dalaşgärler bellige alynmazyndan ozal razylyk arzasyny ***(10-njy nusga)*** ýazmalydyrlar.

Bellige almak saýlawlara elli gün galanda başlanýar we saýlawlara ýigrimi bäş gün galanda tamamlanýar.

Geňeşlik saýlaw toparynyň dalaşgärleri bellige almak hakyndaky karary ***(11-nji nusga)*** Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek baradaky geçirilen mejlisleriň, ýygnaklaryň teswirnamalary we dalaşgärleriň sese goýulmaga razydygy baradaky arzalary bar bolan mahalynda kabul edilýär.

Geňeşlik saýlaw topary dalaşgärleriň bellige alnandygy hakynda teswirnama ***(12-nji nusga we onuň goşundysy)*** düzýär, bu teswirnama dalaşgärleriň razylyk arzalary bilen bilelikde degişli geňeşlik saýlaw toparynda saklanylýar.

Geňeşlik saýlaw topary Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň talaplary berjaý edilip hödürlenen dalaşgärleriň hemmesini bellige almaga borçludyr.

Bellige almakdan ýüz dönderilendigi barada ýokarda durýan saýlaw toparyna ýa-da kazyýete üç gün möhletde şikaýat edilip bilner, şikaýata üç günden gijä goýulman seredilmelidir.

Dalaşgärlige hödürlenilen her bir adam diňe bir saýlaw okrugynda dalaşgärlige bellige alnyp bilner.

Dalaşgär haýsydyr bir saýlaw toparynyň düzümine girýän ýa-da synçy bolsa, ol bellige alnan pursadyndan toparyň düzüminden çykarylan ýa-da synçynyň ygtyýarlyklary bes edilen diýlip hasap edilýär.

Geňeşleriň agzalygyna dalaşgärleri bellige almak möhleti tamamlanandan soňra, geňeşlik saýlaw topary hödürlenilen we bellige alnan dalaşgärleriň sany hakynda degişli etrap, şäher saýlaw toparyna haýal etmän habar ***(13-nji nusga)*** bermelidir.

Geňeşlik saýlaw topary dalaşgärleriň bellige alnandygy hakyndaky habary olar bellige alnandan soň bäşilenji günden gijä goýman, ilatyň dykgatyna ýetirýär, habarda dalaşgärleriň her biriniň familiýasy, ady, atasynyň ady, doglan ýyly we ýeri, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär.

Geňeşlik saýlaw topary tarapyndan Geňeşiň agzalygyna dalaşgäre şahsyýetnama ***(14-nji nusga)*** berilýär.

*10-njy nusga*

**_______ welaýatynyň**
**_______ etrabynyň**
**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparyna**

**Geňeş agzalygyna dalaşgärlige hödürlenilen, 20.05.1977-nji ýylda doglan, _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň _______ köçesiniň __-nji(y) jaýynda ýaşaýan, _______ geňeşligindäki oba saglyk merkeziniň lukmany wezipesinde işleýän Jumaýew Juma Jumaýewiçiň tarapyndan**

## RAZYLYK ARZA

Men, 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda _______ geňeşliginiň 3-nji saýlaw okrugy boýunça dalaşgär hökmünde sese goýulmagyma razydygymy mälim edýärin.

________________________________
(dalaşgäriň goly)

«____» ____________ 20__ ý.

**Bellik:** Razylyk arzasy ýazylanda dalaşgäre degişli maglumatlar onuň pasportyndaky ýaly anyk görkezilýär hem-de geçen iki aýdan uzak bolmadyk möhletde düşülen 9×12 *sm* ölçegdäki 2 sany we 3×4 *sm* ölçegdäki 4 sany reňkli fotosuraty bilen degişli geňeşlik saýlaw toparyna iberilýär.

**_______ welaýatynyň _______ etrabynyň**
**_______ geňeşlik saýlaw toparynyň**

**KARARY**

«____» ____________ 20__ ý. №___

**Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça**
**dalaşgärleri bellige almak hakynda**

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 48-nji maddasyna laýyklykda we syýasy partiýalaryň etrap, şäher we ilkinji guramalarynyň, raýatlar toparlarynyň dalaşgär hödürlemek hakynda geçiren mejlisleriniň, ýygnaklarynyň teswirnamalary hem-de dalaşgärleriň razylyk arzalary esasynda geňeşlik saýlaw topary **k a r a r e d ý ä r :**

1. 20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça hödürlenilen dalaşgärleri bellige almaly (dalaşgärleriň sanawy goşulýar).

2. Bellige alnan dalaşgärlere şahsyýetnama gowşurmaly we dalaşgärler baradaky degişli maglumatlary saýlaw býulletenine girizmeli hem-de ilatyň dykgatyna ýetirmeli.

**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparynyň başlygy** ____________ ______________________________
(goly) (ady, familiýasy)

M.Ý.

**_______ geňeşlik saýlaw**
**toparynyň kätibi** ____________ ______________________________
(goly) (ady, familiýasy)

*12-nji nusga*

## GEŇEŞ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) marty
(saýlawlaryň geçirilýän senesi)

**_______ welaýatynyň _______ etrabynyň**
**_______ geňeşliginiň Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça**
**15-nji saýlaw okrugyndan dalaşgärleri bellige almak hakynda**
**geňeşlik saýlaw toparynyň**

## TESWIRNAMASY

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 48-nji maddasyna laýyklykda, dalaşgärleri hödürlemek baradaky mejlisleriň, ýygnaklaryň teswirnamalary hem-de dalaşgärleriň razylyk arzalary esasynda geňeşlik saýlaw topary **karar edýär:**

1. Şu aşakdaky sanawa laýyklykda dalaşgärleri bellige almaly.

| **Okrug belgisi** | **Dalaşgärleriň familiýasy, ady, atasynyň ady (elipbiý tertibinde)** | **Doglan ýyly, eýeleýän wezipesi (käri), işleýän we ýaşaýan ýeri** |
|---|---|---|
| 15-nji saýlaw okrugy | Ataýew Ata Ataýewiç | 17.07.1970-nji ýylda doglan, _______ etrabynyň ______ geňeşligindäki 13-nji orta mekdebiň iňlis dili mugallymy, _______ geňeşliginiň _______ köçesiniň 103-nji jaýynyň ýaşaýjysy |
| | Jumaýew Juma Jumaýewiç | 20.05.1977-nji ýylda doglan, _______ etrabynyň _______ geňeşligindäki oba saglyk merkeziniň lukmany, _______ geňeşliginiň _______ köçesiniň 37-nji jaýynyň ýaşaýjysy |

2. Saýlaw okruglary boýunça bellige alnan dalaşgärleri saýlaw býulletenine girizmeli.

1. **Toparyň başlygy** ______________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

2. **Toparyň başlygynyň orunbasary** ______________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

3. **Toparyň kätibi** ______________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

**Toparyň agzalary:**

4. ______________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

5. ______________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

6. ______________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

7. ______________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

8. ______________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

9. ______________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

10. ______________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

11. ______________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

M.Ý.

«____» _________________ 20__ ý.
(teswirnamanyň düzülen senesi)

**Bellik:** Teswirnama doldurylanda sahypanyň iki tarapyna-da ýazylyp, bar bolan sahypalarynyň sany görkezilýär. Teswirnamanyň ýanyna şular goşulýar: Dalaşgärleriň razylyk arzalary, syýasy partiýalaryň etrap, şäher we ilkinji guramalarynyň hem-de raýatlar toparlarynyň mejlisleriniň, ýygnaklarynyň teswirnamalary, teswirnamanyň goşundysy, geňeşlik saýlaw toparynyň agzalarynyň aýratyn pikirleri (eger-de bar bolsa).

Teswirnama we onuň goşundysy iki sany asyl nusgada doldurylýar we olaryň biri degişli etrap, şäher saýlaw toparyna iberilýär.

## _______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça bellige alnan dalaşgärleriň

## SANAWY

| Okrug belgisi | Dalaşgärleriň familiýasy, ady, atasynyň ady (elipbiý tertibinde) | Doglan ýyly we ýeri | Işleýän ýeri we wezipesi | Ýaşaýan ýeri | Dalaşgär hödürlän syýasy partiýanyň we raýatlar toparynyň ady |
|---|---|---|---|---|---|
| 1-nji saýlaw okrugy | | | | | |
| | | | | | |
| 2-nji saýlaw okrugy | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| 3-nji saýlaw okrugy | | | | | |
| | | | | | |
| 4-nji saýlaw okrugy | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| 5-nji saýlaw okrugy | | | | | |
| | | | | | |

**Geňeşlik saýlaw toparynyň kätibi** __________ ________________________________

(goly) (ady, familiýasy)

M.Ý.

*13-nji nusga*

**_______ welaýatynyň**
**_______ etrap saýlaw**
**toparyna**

**20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçiriljek**
**Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça hödürlenilen**
**we bellige alnan dalaşgärleriň sany hakynda**

**HABAR**

_______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşligi boýunça 21-nji nusga laýyklykda habar berýäris.

1. Hödürlenen dalaşgärleriň sany ____

2. Bellige alnan dalaşgärleriň sany ____

**Geňeşlik saýlaw**
**toparynyň başlygy** ___________ ___________________________
(goly) (ady, familiýasy)

M.Ý.

**Geňeşlik saýlaw**
**toparynyň kätibi** ___________ ___________________________
(goly) (ady, familiýasy)

**Bellik:** Habaryň ýanyna bellige alnan dalaşgärleriň sanawy goşulmalydyr.

*Dalaşgäriň şahsyýetnamasynyň nusgasy*



(geçirilýän saýlawlaryň senesi)

(geçirilýän saýlawlaryň ady)

ŞAHSYÝETNAMA № __

(dolandyryş-çäk birliginiň ady)

____-nji(y) SAÝLAW OKRUGY BOÝUNÇA DALAŞGÄR

*saýlaw toparynyň başlygy* ____________

*M.Ý.*

*Şahsyýetnama saýlawlaryň netijeleri resmi taýdan çap edilen gününden güýjüni ýitirýär.*

Berlen senesi: __.__.20__ý.

## 9. Dalaşgäriň ynanylan adamlary

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 52-nji maddasyna laýyklykda, Geňeş agzalygyna her bir dalaşgäriň üçe çenli ynanylan adamy bolup biler.

Olar saýlawlar möwsümini geçirmekde dalaşgäre kömek berýärler, onuň saýlanmagy ugrunda wagyz işini alyp barýarlar, döwlet häkimiýet edaralary we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary, syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri, saýlawçylar bilen özara gatnaşyklarynda, şeýle hem saýlaw toparlarynda onuň bähbidini araýarlar.

Dalaşgär bellige alnandan soň, ol öz islegine görä, ynanylan adamlaryny kesgitleýär we olary bellige almak üçin, bellenilen tertipde degişli geňeşlik saýlaw toparyna habar ***(15-nji nusga)*** berýär.

Ynanylan adamlar bellige alnandan soň, geňeşlik saýlaw topary tarapyndan olara şahsyýetnama ***(16-njy nusga)*** berilýär.

Dalaşgär saýlawlara çenli islendik wagt ynanylan adamlaryny çalyşmaga hukuklydyr.

Ynanylan adam hem islendik wagt öz ygtyýarlyklaryny tabşyryp biler. Saýlaw toparynyň agzasy ynanylan adam bolup bilmez.

Ynanylan adamlaryň ygtyýarlyklary saýlawlaryň jemi jemlenenden soň tamamlanýar.

*15-nji nusga*

**_______ welaýatynyň**
**_______ etrabynyň**
**_______ şäherçe**
**saýlaw toparyna**

**_______ şäherçesiniň**
**Geňeş agzalarynyň saýlawlary**
**boýunça 3-nji saýlaw okrugynda**
**bellige alnan dalaşgär Ataýew**
**Ata Ataýewiç tarapyndan**

## HABAR

Men öz bellän ynanylan adamlarym barada habar berýärin we olary aşakdaky sanawa laýyklykda bellige almagyňyzy haýyş edýärin.

1. ______________________________________________
______________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady, eýeleýän wezipesi (käri), ýaşaýan ýeri)

2. ______________________________________________
______________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady, eýeleýän wezipesi (käri), ýaşaýan ýeri)

3. ______________________________________________
______________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady, eýeleýän wezipesi (käri), ýaşaýan ýeri)

______________________
(goly)

**Bellik:** Habardaky maglumatlar pasportyndaky ýaly anyk görkezilen bolmaly we olaryň her biriniň 3x4 *sm* ölçegdäki 1 sany reňkli fotosuraty we degişli maglumatlary habaryň ýanyna goşulmalydyr.

*Dalaşgäriň ynanylan adamynyň şahsyýetnamasynyň nusgasy*


(geçirilýän saýlawlaryň senesi)

(geçirilýän saýlawlaryň ady)

ŞAHSYÝETNAMA № ___

(dolandyryş-çäk birliginiň ady)

___nji(y) saýlaw okrugy boýunça dalaşgär

(dalaşgäriň familiýasy, ady, atasynyň ady)

YNANYLAN ADAMY

saýlaw toparynyň başlygy ________________

M.Ý.

Şahsyýetnama saýlawlaryň netijeleri resmi taýdan çap edilen gününden güýjüni ýitirýär.

Berlen senesi: __.__.20__ý.

## 10. Saýlaw býulletenleri

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 70-nji maddasyna laýyklykda, saýlawlarda saýlaw býulletenine ***(17-nji nusga)*** saýlaw okrugy boýunça bellige alnan dalaşgärleriň hemmesi girizilip, onda her bir dalaşgäriň familiýasy (elipbiý tertibinde), ady, atasynyň ady, işleýän ýeri, eýeleýän wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri görkezilýär.

Saýlaw býulletenleriniň jemi sany saýlawçylaryň sanawlaryna girizilen saýlawçylaryň sanyna deň bolmalydyr. Ätiýaçlyk üçin çap edilýän saýlaw býulletenleriniň sany býulletenleriň umumy sanynyň iki göteriminden köp bolmaly däldir.

Saýlaw býulletenleri saýlawlaryň geçiriljek gününe çenli azyndan on gün galanda saýlaw uçastoklaryna getirilýär. Saýlaw býulletenleri ses berilýän jaýa getirilenden soň, demir seýfde saklanylýar.

Saýlaw býulletenleri berk hasabatlylyga degişli resminamalardyr. Saýlaw býulletenlerini taýýarlamagyň, eltmegiň we olar boýunça hasabatlylygyň tertibi Merkezi saýlaw topary tarapyndan bellenilýär.

Saýlaw býulletenleriniň arka tarapyna uçastok saýlaw toparynyň başlygy we kätibi gol çekýär hem-de saýlaw uçastogynyň möhrüni basýar. Saýlaw toparlary saýlaw býulletenleriniň saklanylyşyna jogapkärçilik çekýärler.

Saýlaw býulletenleriniň saklanylýan ýerleri tehniki we ýangyn howpsuzlygynyň talaplaryna laýyk bolmalydyr.

Býulletenleriň berlendigi hakyndaky delilnama ***(18-nji nusga)*** düzülýär. Delilnama iki sany asyl nusgada taýýarlanyp, oňa iki toparyň wekili hem gol çekýärler we saýlaw toparlarynyň möhri basylýar.

Saýlaw býulletenleri döwlet dilinde çap edilýär, şeýle hem olar degişli etrap, şäher saýlaw toparlarynyň haýyşnamasy esasynda saýlaw uçastogynyň saýlawçylarynyň köplüginiň ulanýan dilinde hem çap edilip bilner.

*17-nji nusga*

NUSGA 1

___________________
(geçirilýän saýlawlaryň senesi)

**GEŇEŞ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY**

# SAÝLAW BÝULLETENI

**__________ welaýatynyň __________ etrabynyň**

**_____________ geňeşliginiň**

**1-nji saýlaw okrugy**

**Dalaşgäriň haýsysynyň tarapyna ses berseňiz, şol dalaşgäriň familiýasynyň deňinde bellik ediň!** ✓

| **Dalaşgärleriň familiýasy, ady, atasynyň ady** (elipbiý tertibinde) | **Işleýän ýeri, wezipesi (käri), ýaşaýan ýeri** | |
|---|---|---|
| ______________________<br>______________________ | ______________________<br>______________________<br>______________________ | ☐ |
| ______________________<br>______________________ | ______________________<br>______________________<br>______________________ | ☐ |

**Bellik:** Býulletende birden köp dalaşgäriň familiýasynyň deňinde bellik edilen bolsa ýa-da hiç biriniň deňinde bellik edilmedik bolsa, ol hakyky däl diýlip hasap edilýär.

*18-nji nusga*

20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) marty
(saýlawlaryň geçirilýän senesi)

# GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

## Saýlaw býulletenleriniň berlendigi hakynda

## DELILNAMA

______________________________________________________________
_____________________________________________ saýlaw topary tarapyndan
(saýlaw toparynyň doly ady)
______________________________________________________________
(geçirilýän saýlawlaryň ady)
___________________________________________ saýlaw toparyna ses bermegi
(saýlaw toparynyň doly ady)
geçirmek üçin jemi _______ sany saýlaw býulleteni berildi.
Şu delilnama 20__-nji(y) ýylyň ___-nji(y) martynda düzüldi.

**Berdim:** ____________________ ______________________ __________
saýlaw toparynyň kätibi (familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)
M.Ý.

**Aldym:** ______________________ ______________________ __________
saýlaw toparynyň başlygy (familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)
M.Ý.

**Bellik:** Delilnama saýlaw býulletenini berýän saýlaw topary tarapyndan iki sany asyl nusgada taýýarlanylyp, her saýlaw toparynda biri saklanýar.

## 11. Saýlawlaryň jemini kesgitlemek we teswirnama düzmek

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 76-njy maddasyna laýyklykda, Geňeş agzalarynyň saýlawlarynda saýlaw okruglary boýunça saýlawlaryň jemini uçastok saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda degişli geňeşlik saýlaw topary öz mejlisinde kesgitleýär we her saýlaw okrugy boýunça saýlawlaryň netijesi hakynda teswirnama ***(19-njy nusga)*** düzýär. Teswirnama toparyň başlygy, başlygynyň orunbasary, kätibi we agzalary gol çekýärler hem-de möhür basylýar.

Saýlaw topary teswirnama düzülenden soň saýlawlaryň netijesini yglan edýär.

Teswirnamalaryň nusgasy saýlaw toparynyň jaýynda hemmeleriň tanyşmagy üçin goýulýar.

Saýlaw toparynyň degişli saýlaw okrugy boýunça teswirnamasynyň tassyklanylan nusgasyny dalaşgäriň ýa-da onuň ynanylan adamynyň, synçynyň almaga hukugy bardyr.

Saýlawlarda ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alan dalaşgär Geňeşiň agzalygyna saýlanylan diýlip hasap edilýär.

### Ses bermegiň netijeleri hakynda geňeşlik saýlaw toparynyň teswirnamasyny düzmegiň tertibi

Uçastok saýlaw toparlarynyň teswirnamalarynyň esasynda her saýlaw okrugy boýunça saýlawçylaryň umumy sany takyklanýar hem-de teswirnamanyň **1-nji bendinde «Saýlaw okrugy boýunça saýlawçylaryň umumy sany»** diýlen setirinde ýazylýar.

Şeýle-de, saýlaw okrugy boýunça ulanylmadyk saýlaw býulletenleriniň we zaýalanan diýlip ykrar edilen býulletenleriň sany teswirnamanyň **2-nji bendinde «Ulanylmaz ýaly edilen saýlaw býulletenleriniň sany»** diýlen setirinde ýazylýar.

Saýlaw okrugy boýunça saýlaw býulletenini alan saýlawçylaryň sany teswirnamanyň **3-nji bendinde «Saýlaw býulletenlerini alan saýlawçylaryň sany»** diýlen setirinde ýazylýar.

Saýlaw okrugy boýunça ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany teswirnamanyň **4-nji bendinde «Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany»** diýlen setirinde görkezilýär.

Saýlaw okrugy boýunça hakyky däl diýlip ykrar edilen býulletenleriň jemi sany teswirnamanyň **5-nji bendinde «Hakyky däl diýlip ykrar edilen saýlaw býulletenleriniň sany»** diýlen setirinde ýazylýar.

Saýlaw okrugy boýunça dalaşgärleriň hersine berlen sesleriň sany teswirnamanyň **6-njy bendinde «Dalaşgärleriň her biriniň tarapyna berlen sesler»** diýlen ýerinde her bir dalaşgäriň familiýasynyň deňinde **«Sesleriň sany»** diýlen sütüninde ýazylýar. Bu sütüniň gapdalynda sesleriň göterimi (%) görkezilmelidir.

## Teswirnamanyň sanlarynyň sazlaşygy

1) Teswirnamanyň **2-nji bendindäki** «Ulanylmaz ýaly edilen saýlaw býulletenleriniň sanyny» hem-de **3-nji bendindäki** «Saýlaw býulletenini alan saýlawçylaryň sanyny» goşanyňda, saýlaw býulleteniniň berlendigi hakyndaky delilnamadaky býulletenleriň sanyna deň gelmelidir.

2) Teswirnamanyň **6-njy bendindäki** «Dalaşgärleriň her biriniň tarapyna berlen sesleriň» hemmesini we **5-nji bendindäki** «Hakyky däl diýlip ykrar edilen saýlaw býulletenleriň» sanyny goşanyňda, **4-nji bendindäki** «Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sanyna» deň gelmelidir.

3) Teswirnamanyň **3-nji bendindäki** «Saýlaw býulletenini alan saýlawçylaryň sany» hem-de **4-nji bendindäki** «Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany», köplenç halatlarda, birmeňzeş bolýar.

Ýöne saýlawçy saýlaw býulletenini alyp, ony saýlaw gutusyna atmadyk ýagdaýynda sanlar birmeňzeş bolmaýar-da, **4-nji bendindäki** «Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany» az bolýar.

Dalaşgärleriň her biriniň tarapyna berlen sesleriň göterimi çykarylanda, saýlaw okrugy boýunça **hakyky däl býulletenleriň sany ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sanyndan aýrylýar** we galan sandan göterim **(%)** hasaplanylyp çykarylýar.

*19-njy nusga*

## GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) marty
(saýlawlaryň geçirilýän senesi)

**_______ welaýatynyň _______ etrabynyň _______ geňeşliginiň**
**Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça 11-nji saýlaw okrugynda ses bermegiň netijeleri hakynda geňeşlik saýlaw toparynyň**

## TESWIRNAMASY

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 76-njy maddasyna laýyklykda, uçastok saýlaw toparlarynyň ses bermegiň netijeleri hakyndaky teswirnamalary esasynda geňeşlik saýlaw topary şu aşakdakylary takyklady:

Saýlaw okrugy boýunça saýlawçylaryň umumy sany 450

Ulanylmaz ýaly edilen saýlaw býulletenleriniň sany 64

Saýlaw býulletenlerini alan saýlawçylaryň sany 395

Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany 395

Hakyky däl diýlip ykrar edilen saýlaw býulletenleriniň sany 3

Dalaşgärleriň her biriniň tarapyna berlen sesler:

| Tertip belgisi | Dalaşgärleriň familiýasy, ady, atasynyň ady (elipbiý tertibinde) | Sesleriň sany | % |
|---|---|---|---|
| 1 | Amanow Aman Amanowiç | 102 | 26,02% |
| 2 | Berdiýew Berdi Berdiýewiç | 54 | 13,78% |
| 3 | Durdyýew Durdy Durdyýewiç | 236 | 60,20% |

Ses bermegiň netijeleri boýunça geňeşlik saýlaw topary **karar edýär:**

_______ etrabynyň _______ geňeşligindäki 15-nji orta mekdebiň iňlis dili mugallymy, _______ geňeşliginiň _______ köçesiniň 89-njy jaýynyň ýaşaýjysy Durdyýew Durdy Durdyýewiçi _______ geňeşliginiň 11-nji saýlaw okrugyndan Geňeş agzalygyna saýlanylan diýip ykrar etmeli.

1. **Toparyň başlygy** ____________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

2. **Toparyň başlygynyň orunbasary** ____________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

3. **Toparyň kätibi** ____________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

**Toparyň agzalary:**

4. ________________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

5. ________________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

6. ________________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

7. ________________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

8. ________________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

9. ________________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

10. ________________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

11. ________________________________________ ______________
(familiýasy, ady, atasynyň ady) (goly)

M.Ý.

«____» __________________ 20__ ý.
(teswirnamanyň düzülen senesi)

**Bellik:** Teswirnama doldurylanda sahypanyň iki tarapyna-da ýazylyp, bar bolan sahypalarynyň sany görkezilýär. **Teswirnamanyň ýanyna şu aşakdakylar goşulýar:** toparyň agzalarynyň aýratyn pikirleri (eger-de bar bolsa); ses bermegiň barşynda ýa-da sesler sanalanda ýol berlen düzgün bozmalar hakynda topara gelip gowşan arzalar we şikaýatlar.

Teswirnamanyň bir asyl nusgasy we okrugyň çägindäki uçastok saýlaw toparlarynyň ses bermegiň netijeleri hakynda teswirnamasynyň bir nusgasy degişli etrap, şäher saýlaw toparyna iberilýär.

## 12. Ses bermegiň jemleri baradaky maglumaty taýýarlamak

Geňeşlik saýlaw toparynyň ses bermegiň netijeleri hakyndaky teswirnamalaryna laýyklykda, okruglar boýunça ses bermegiň jemleri barada maglumat – habar ***(21-nji nusga)*** taýýarlanylýar we degişli etrap, şäher saýlaw toparyna berilýär.

Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň jemi baradaky maglumat – habar iki sany asyl nusgada taýýarlanylyp, biri geňeşlik saýlaw toparynyň özünde saklanylýar, beýlekisi degişli etrap, şäher saýlaw toparyna iberilýär.

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 78-nji maddasyna laýyklykda, geňeşlik saýlaw topary Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynyň jemi baradaky maglumaty – habary saýlawlar gününden soň ýedi günden gijä goýman, köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň dykgatyna ýetirýär.

## 13. Geňeşiň saýlanylan agzalaryny bellige almak

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 77-nji maddasyna laýyklykda, geňeşlik saýlaw topary özüniň mejlisinde Geňeşleriň saýlanylan agzalarynyň hemmesini bellige alýar we olara bellenilen nusgada şahsyýetnama ***(20-nji nusga)*** gowşurýar.

Şahsyýetnama geňeşlik saýlaw toparynyň başlygy gol çekýär we möhür basylýar.

***20-nji nusga***

*Geňeşiň saýlanylan agzasynyň şahsyýetnamasynyň nusgasy*


(geçirilýän saýlawlaryň senesi)
Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary
ŞAHSYÝETNAMA № ___
______________________
______________________
_________ welaýatynyň _________
etrabynyň __________geňeşliginiň
____-nji(y) saýlaw okrugy boýunça
GEŇEŞ AGZASY
_______________
*saýlaw toparynyň başlygy* ______________
*M.Ý.*
Berlen senesi: ___.____.20__ý.

*21-nji nusga*

**20__-nji(y) ýylyň __-nji(y) martynda geçirilen Daşoguz welaýatynyň Akdepe etrabynyň Sazakly geňeşliginiň Geňeş agzalarynyň saýlawlary boýunça ses bermegiň netijeleri barada**

## MAGLUMAT

| Okruglaryň belgisi | Saýlaw okruglary boýunça dalaşgärleriň familiýasy, ady, atasynyň ady (elipbiý tertibinde) | Saýlawçylaryň umumy sany | Ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sany | Dalaşgärleriň her biriniň «TARAPYNA» berlen sesler | % | Hakyky däl saýlaw býulletenleriniň sany | Saýlanylan agzalaryň familiýasy, ady, atasynyň ady, işleýän ýeri, wezipesi (käri) we ýaşaýan ýeri |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 |
| 1-nji saýlaw okrugy | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| 2-nji saýlaw okrugy | | | | | | | |
| | | | | | | | |
| | | | | | | | |

**Geňeşlik saýlaw toparynyň başlygy** ____________ (goly) ________________________ (ady, familiýasy)

M.Ý.

**Geňeşlik saýlaw toparynyň kätibi** ____________ (goly) ________________________ (ady, familiýasy)

## 14. Gaýtadan ses bermek

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 79-njy maddasyna laýyklykda, eger saýlaw okrugy boýunça üç we şondan hem köp dalaşgär sese goýlup, olaryň hiç biri hem saýlanylmadyk bolsa, geňeşlik saýlaw topary has köp ses alan dalaşgärleriň ikisi boýunça okrugda umumy saýlawlardan soň iki hepdeden gijä goýman, gaýtadan ses bermegi geçirmek hakynda karar kabul edýär.

Kabul edilen karar hakynda uçastok saýlaw toparlary degişli saýlawçylary habarly edýärler.

Gaýtadan ses berlende ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň seslerini, beýleki dalaşgäre seredende, köp alan dalaşgär saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Eger-de dalaşgärleriň biri dürli sebäplere görä çykyp giden halatynda, galan dalaşgäre ses berilýär.

Şonda dalaşgär ses bermäge gatnaşan saýlawçylaryň sesleriniň ýarysyndan köpüsini alsa, ol saýlanylan diýlip hasap edilýär.

Gaýtadan ses bermek Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirilýär.

## 15. Gaýtadan saýlawlary geçirmek

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 80-nji maddasyna laýyklykda, eger saýlawlarda saýlaw okrugynda sese goýlan dalaşgärler ikiden köp bolmasa we olaryň hiç biri hem saýlanylmadyk bolsa ýa-da saýlawlar hakyky däl diýlip ykrar edilen bolsa ýa-da gaýtadan ses berilmegi kimiň saýlanylandygyny kesgitlemäge mümkinçilik bermedik bolsa, umumy saýlawlardan soň üç hepdeden gijä goýman, gaýtadan saýlawlary geçirmek bellenilýär.

Geňeşleriň agzalarynyň gaýtadan saýlawlary degişli geňeşlik saýlaw topary tarapyndan bellenilýär.

Gaýtadan geçirilýän saýlawlar hakynda habar ilatyň dykgatyna ýetirilýär.

Gaýtadan saýlawlary uçastok saýlaw toparlarynyň täze düzüminiň geçirmegi baradaky karara gelnip bilner.

Gaýtadan saýlawlar umumy saýlawlary geçirmek üçin düzülen saýlawçylaryň sanawlary esasynda we umumy saýlawlardan soň üç aý möhletden gijä goýman geçirilýär.

Gaýtadan saýlawlar Türkmenistanyň Saýlaw kodeksine laýyklykda geçirilýär.

## 16. Saýlaw toparlarynyň kararlary we olaryň wezipeli adamlarynyň hereketleri (ýa-da hereketsizligi) üçin şikaýat etmek

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 90-njy maddasyna laýyklykda, saýlaw toparlarynyň, olaryň wezipeli adamlarynyň raýatlaryň saýlaw hukugyny, Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň talaplaryny bozýan kararlary we hereketleri (ýa-da hereketsizligi) üçin ýokarda durýan saýlaw toparyna şikaýat edilip bilner.

Şikaýat bilen saýlawçylar, dalaşgärler, olaryň ynanylan adamlary, synçylar, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, şeýle hem saýlaw toparlary ýüz tutup bilerler.

Şikaýat esaslandyrylan bolmalydyr we ol esaslanylýan subutnamalar bilen bilelikde berilmelidir.

Saýlaw toparynyň adyndan şikaýat saýlaw toparynyň karary esasynda berilýär, ol karar şikaýatyň ýanyna goşulýar.

Saýlawlara taýýarlyk görmegiň barşynda gelip gowşan şikaýatlar saýlaw toparlary tarapyndan şikaýatyň gelip gowşan pursatyndan beýläk üç gün möhletde, saýlawlaryň gününiň öň ýanyndaky günde ýa-da saýlawlar güni bolsa haýal edilmän seredilmäge degişlidir.

Eger-de saýlawlara taýýarlyk görmegiň barşynda gelip gowşan şikaýatlarda görkezilen maglumatlar goşmaça barlaglary talap edýän bolsa, olara bäş gün möhletden gijä goýman seredilýär.

Ses berlişiniň jemlerine ses berlişiň jemleri jemlenilenden soň, üç günüň dowamynda şikaýat edilip bilner.

Saýlawlaryň netijelerine saýlawlaryň netijeleri kesgitlenenden soň, üç günüň dowamynda şikaýat edilip bilner.

Şikaýatlara seredilende gyzyklanýan taraplar, hereketine (hereketsizligine) şikaýat edilýän şahslar ýa-da olaryň wekilleri saýlaw toparynyň mejlisiniň geçýän güni we ýeri barada öňünden habarly edilýär.

Görkezilen şahslaryň seredilýän meseläniň hakyky ýagdaýy barada düşündiriş bermäge we subutnamalary görkezmäge hukugy bardyr.

Ýokarda durýan saýlaw toparynyň aşakda durýan saýlaw toparynyň kararyny ýatyrmaga we şikaýatyň mazmuny boýunça karar kabul etmäge hukugy bardyr.

Şikaýat boýunça kabul edilen karar şikaýatçynyň dykgatyna ýetirilýär.

## 17. Geňeşlik saýlaw toparynyň ýerleşýän jaýyny enjamlaşdyrmagyň tertibi

***Geňeşlik saýlaw toparynyň jaýynyň daşynda şu aşakdakylar bolmalydyr:***

1. Türkmenistanyň Döwlet baýdagy.
2. Geňeşlik saýlaw toparynyň at ýazgysy (saýlawçylara görner ýaly oňaýly ýerde ýerleşdirilmelidir).
3. Saýlawlaryň geçirilýän senesini, adyny görkezmek bilen saýlawlara çagyryş ýazgysy.

***Geňeşlik saýlaw toparynyň jaýynyň içinde şu aşakdakylar bolmalydyr:***

1. Türkmenistanyň Prezidentiniň portreti.
2. Türkmenistanyň Saýlaw kodeksi.
3. Türkmenistanyň Döwlet baýdagy.
4. Türkmenistanyň Döwlet Senasy.
5. Türkmenistanyň Döwlet tugrasy.
6. Geňeşlik saýlaw toparynyň agzalary baradaky şahsy maglumatlar (maglumatlar saýlaw toparynyň başlygynyň özünde saklanmalydyr).
7. Geňeşlik saýlaw toparynyň mejlisleriniň beýanlary, teswirnamalary we beýleki resminamalar.
8. Aragatnaşyk üçin telefon enjamy.
9. Ýokarda durýan saýlaw toparyndan saýlaw býulletenleriniň alnandygy baradaky delilnama.
10. Gaýçy, gök syýaly ruçka, ýelim, seýf, kagyz bukjalar, şeýle hem kompýuter (mümkinçilige görä).
11. Gollanmalar we ýatlamalar.
12. Arzalar we şikaýatlar üçin depderçe (depderçäniň sahypalary belgilenip, dikilýär we saýlaw toparynyň möhri bilen möhürlenýär).
13. Beýleki degişli resminamalar

## MAZMUNY


Giriş......................................................................................................7
1. Umumy düzgünler ....................................................................................8
2. Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryny geçirmek boýunça
saýlaw toparlarynyň ulgamy ..................................................................8
3. Geňeşlik saýlaw toparynyň ygtyýarlyklary ..............................................9
4. Geňeşlik saýlaw toparynyň işini guramak ..............................................12
5. Geňeşlik saýlaw toparynyň iş şertleriniň üpjün edilmegi .........................13
6. Saýlaw okruglaryny döretmek ...............................................................14
7. Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri hödürlemek .........................................18
8. Geňeşiň agzalygyna dalaşgärleri bellige almak .......................................27
9. Dalaşgäriň ynanylan adamlary ................................................................34
10. Saýlaw býulletenleri ..............................................................................36
11. Saýlawlaryň jemini kesgitlemek we teswirnama düzmek .........................39
12. Ses bermegiň jemleri baradaky maglumaty taýýarlamak ..........................43
13. Geňeşiň saýlanylan agzalaryny bellige almak .........................................43
14. Gaýtadan ses bermek ............................................................................45
15. Gaýtadan saýlawlary geçirmek ...............................................................45
16. Saýlaw toparlarynyň kararlary we olaryň wezipeli adamlarynyň
hereketleri ýa-da (hereketsizligi) üçin şikaýat etmek ...............................45
17. Geňeşlik saýlaw toparynyň ýerleşýän jaýyny enjamlaşdyrmagyň tertibi ............47

TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ DEPUTATLARYNYŇ, WELAÝAT, ETRAP, ŞÄHER HALK MASLAHATLARYNYŇ WE GEŇEŞLERIŇ AGZALARYNYŇ SAÝLAWLARY

# ETRAPDAKY ŞÄHER, ŞÄHERÇE, GEŇEŞLIK SAÝLAW TOPARLARY ÜÇIN

# G O L L A N M A


| | |
|---|---|
| Redaktor | *B. Ataýew* |
| Surat redaktory | *O. Çerkezowa* |
| Teh. redaktor | *Ş. Gurbangeldiýewa* |
| Kompýuter bezegi | *I. Zasarinnaýa,* |
| | *B. Mämmetgurbanow* |

TDKP № 77, 2023

Çap etmäge rugsat edildi 31.01.2023. Ölçegi 60x84$^{1}/_{8}$.
Şertli çap listi 5,58. Şertli reňkli ottiski 15,21.
Hasap neşir listi 4,24. Çap listi 6,0.
Sargyt № 86. Sany 3250.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat. Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat. 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.

